# Magtymgulynyň poeziýasy halkyň kalbydyr

Category: Goşgular,Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025

Magtymgulynyň poeziýasy halkyň kalbydyr MAGTYMGULYNYÑ POEZIÝASY HALKYÑ KALBYDYR




Atajan Tagan “Çaklamalar, deliler, sowallar” atly makalasynda öz pikirini unan Magtymgulyşynaslar hökmünde Oraz Ýagmyry, Hommat Kakajany ýatlaýar. Hommat Kakajanyň Magtymguly barada haýsydyr bir makalasynyň bardygyny bilemzok. Onuň “tilkilenip”

sözüni “telki” diýip aýtmagynda ne ylmy, ne kogiki esas ýok. Oraz Ýagmyryň Magtymgulyşynaslygy barada hem şulary aýtmakçy (Men Oraz Ýagmyr barada şu pikirlerimi öň 1996, 2008-nji ýyllarda metbugat, habar beriş serişdeleriniň üsti bilen 2013-nji ýylda bolsa ýüzbe-ýüz onuň özüne aýtdym. D.Ý.). Professor Nazar Gullaýewiň ýolbaşçylygynda 1989-njy ýylda Magtymguly fondy (Bu fond Magtymgulynyň döredijiligini öňki Soýuz Respublikalaryna hem daşary ýurtlarda has giňişleýin wagyz etmegi hem tanyşdyrmagy maksat edinipdir. 1990-njy ýylda bu fond Magtymguly jemgyýeti diýip hasaba alnypdyr hem tanaldy) esaslandyrylyp, Nazar Gullaýew Magtymguly fondyna jemgeýetçilik esasda ýolbaşçy bolup, bu alymyň dosty hem ussat şahyr Atamyrat Atabaýewiň berk durup haýyş etmegi netijesinde orunbasary-kätibi (ol aýlykly işläpdir) edip Oraz Ýagmyry işe alýar. Magtymguly jemgyýetiniň käbir haýyrly işleri eden bolmagy mümkin (men-ä bilemok). Şol döwre çenli (Oraz Ýagmyr bu fond açylanda, 33 ýaşly adamdy) beýik akyldar Magtymguly barada ýeke setir ýazyp görmedik Oraz Ýagmyryň birden “magtymgulyşynaslyk” zehini açylýar, ýazyjy hökmünde kitaplary yzly-yzyna neşir edilýär. Onuň ilkinji kitaby “Duman daganda” romany 1989-njy ýylda çap bolýar. Soňra Gurt Ýakup, Magtymguly, Garajaoglan we beýleki Gündogar şahyrlary hakynda bu ýazyjynyň kitaplary çykýar. Oraz Ýagmyryň çeper dilli ýazyjydygyny inkär edemok. Emma onuň Magtymguly barada ýazan “Magtymgulynama” eseriniň türkmen ylmy, şahyryň ömür-döredijiligi üçinem jinnek ýaly peýdasynyň bolmandygyny, gaýtam zyýanynň bolandygyny, belli bir okyjylaryň aňyny bulaşdyrandygyny açyk aýdyp biljek, zerur halatynda subut edip biljek. Oraz Ýagmyryň bu eseriniň mazmunyndan çen tutanyňda, onuň ady “Oraz Ýagmyryň Magtymgulyny göz öňüne getirişi” bolmaly. Agzalan kitap çykynça, Magtymguly barada ýazylan maglumatlaryň gyzyklylaryny Oraz Ýagmyr bu kitabynda özüçe üýtgedip çeper dilde beýan edipdir. Ol bu eserinde beýik akyldaryň sopuçylyk hem Alla bilen gatnaşyklary barada-da söhbet edipdir. Ýazyjynyň bu kitaby Magtymgulynyň ady ulanylan bolsa-da, ol Oraz Ýagmyryň dünýäni göz öňüne getirişidigini anyk bilýärin. “Magtymgulynamada” aýdylýan gowşak pikir owadan sözleriň içinde ýitip gidýär. Eserde düýpli pikir bolmasa-da, sözde Magtymgulynyň adyndan ýaman ýazgarylyp, haýyr öňe sürülensoň, ýagşy päle, owadan sözlere maýyl adamlar bu kitaby höwes bilen okaýarlar. Oraz Ýagmyryň bu kitabynyň gowudygyny

aýtjaklar bardyr, emma ol kitapda awtor şu täze pikiri öňe sürüpdir diýip ýekeje adamam aýdyp bilmez. Onuň Gurt Ýakup hakynda ýazan kitapçysynda ussat bagşynyň Magtymgulynyň şygyrlaryny bilşi bakyndaky ýeri mysal alyp düşündiriş bermegi borjum hasaplaýaryn: “Gurt Ýakuby tanaýanlaryň ählisi onuň gaýmak ýaly mylaýym, ýumşak adamlygyny tekrarlaýarlar. Ol iliň göwni diýip ýortar ýörer eken. Gurt Ýakup bagşylaryň ýazylmadyk kanunlaryna, däplerine ilkinji ädimden tä soňky demine çenli wepaly boldy. Bagşynyň iň uly baýlygy – sesi diýýärler. Tebigat Gurt bagşa juda ägirt baýlyk eçilipdir. Onuň sesi Alla diýip, Adam diýip oba-oba aýlanan gadymy galandar-abdallary, gije ýatman nalyş okan päk göwün derwüşleri ýatlatmaýarmy?! Onuň sesi seniň göwnüňe iň ýakyn melhemçiniň sesi dälmidir?! Şeýle sesiň bolar-de sen neneňsi aýdym aýdaryn öýdýäň?!Gurt Ýakup aglanda-da, gülende-de aýdym aýtdy. Durmuşyň düýp aslyna akyl ýetirjek bolup kelle döwende-de aýdym aýtdy. Aýdym-saz onuň üçin lezzet, ýöne oýlandyrýan, sähel gamlandyrýan, ýüregiňi ýumşadýan lezzet. Hi, gamlanmaýandanam, gama batyp bilmeýändenem adam bormy?! Gam seniň gedem başyňy egýär, gazaply diliňi süýjedýär, töwerekden özüňe hemra-dost gözledýär. Iň güýçli ýeri hem: seniň bu dünýä myhmanlygyňy ýatladýar. Myhman bolup gelen ýeriňe ýamanlyk etjekmi?Göz gorkak, el batyr, dil ýüwrük diýipdirler. Ana, gam seniň eliňden tutýar. Ejize degme diýýär. Gam seniň diliňi düwýär. Ajy söz aýtma diýýär. Elbetde, adama merdem gam gerek, adamy beýgeldiji, haýyr işlere iteriji gam gerek. «Sen myhmansyň, gyssanaweri, ýagşylyk edip ýetişjek bolaweri!» diýip, böwrüňe sanjyp duran gam derkar. Gurt Ýakubyň owazynda, aýdymlarynda, çalan sazlarynda hut şeýle gam bar. Bagşynyň ählimizi kökenlän ýüpi hem şo gamdan işilen bolsa gerek. Şeýle bolansoň Gurt bagşy, ozaly bilen, beýik Magtymgula ýüzlendi. Özem şahyryň arap harpyndaky kitaplaryny okady. Gündizlerine edil aýna bakan ýaly kitapdan ýüzüni aýyrmady, ýatanda ýassygy Magtymgulynyň kitaby boldy. Gurt bagşy arap, pars dilinden, çagataýçadan habarly bolansoň, onuň Magtymgulynyň şygyrlaryna düşünişi üýtgeşikdi. Magtymgulynyň eserleriniň aňyrsynda ýaňlanýan owazy sogrup almagy Gurt Ýakup başardy. Şoňa görä, bu dünýäde aýdym aýdyp geçen bagşylaryň arasynda Magtymgulydan iň köp aýdym aýdan Gurt Ýakupdyr. Mary şäherinden lukman Myraly Ata ogly şu babatda bir wakany ýatlady: «Bir toýda Gurt bagşy Magtymgulydan aýdym aýdyp, aralygynda derini sylanda

diňleýjileriň biri:
– Gurt akga, Magtymgulydan näçeräk aýdym bilýäňiz? – diýip sorady.
– Bilmedim inijigim. Şony özümem bilesim gelýär. Hany, Magtymgulynyň kitabyny getiriň, bakaly. Magtymgulynyň 1983-nji ýylda çykan iki tomlugyny alyp geldiler.
– Hany, inijigim, sahypalary bir ýandan agdaryp başla. Goşgynyň adyny okasaň bolar – diýip, Gurt bagşy dutaryň gulaklaryny çekişdirdi. Onsoň bir goşgynyň adyny okanyna mähetdel bagşy o goşgynyň bentlerini aýdym edip aýdyp başlaýar weli, halaýyk indikä geçiber diýip ygtyýar berýär. Aýdymlaryň arasynda Gurt bagşynyň özi düzen, özi tapan heňleri hem az däldi. Şeýdip, iki kitap tamam boldy weli, Gurt bagşy: «Munda Magtymgulynyň ähli goşgysy ýok. Şu kitapdanam yzarlalyň» diýip, köne ýazuwly bir kitaby sumkasyndan çykardy. Ony hem heňe salyp aýdyp çykdy. Beýle ýatkeşligi, saz döretmäge ukyby bir kellede jemlän bagşy indi bu dünýäde gaýtalanmasa gerek”.
Oraz Ýagmyryň ussat dessançy bagşy Gurt Ýakup barada şu mysal alan maglumatlarymyzy üns beriň okamagyňyzy haýyş edýärin. Bu maglumatda owadandan uzak-uzak sözler bilen gysgaça şu pikir berlipdir. Gurt Ýakup bagşylaryň arasynda Magtymgulydan iň köp aýdym aýdan bagşy. Ol Magtymguly Pyragynyň türkmen dilinde neşir edilen, hatda köne ýazuwdaky hemme şygyrlaryny aýdym edip aýdypdyr. Gurt bagşy – ussat dessançy bagşy. Ol ýalan-ýaşryk goşulan powhe öwgülere mätäç däl. Oraz Ýagmyryň Gurt Ýakubyň Magtymgulynyň şygyrlaryny bilşi hakyndaky aýdanlary boýdan-başa ýalan. Magtymgulynyň 1983-nji ýylda neşir edilen iki tomlugynda 300-e ýakyn şygyr bar. Bagşy sumkasyndan Magtymgulynyň şygyrlary bar bolan köne kitapdanam aýdypdyr. Bar, ondaky şygyrlar bilen Gurt bagşy Pyragynyň 300 şygryny aýdym edip aýdypdyr diýeliň. Oraz Ýagmyryň aýdyşy ýaly, ilki bir adam şahyryň bir şygryny okaýar, yzyndanam bagşy şol aýdymy aýdýar, şol şygry bagşynyň bilýändigini oturanlar bilensoňam, Gurt bagşy Pyragynyň indiki şygryna geçipdir. Eý-ho, Oraz Ýagmyryň bu ýalanlaryna kyrk ýalany aýdanam toba eder. Ilki bilen Oraz Ýagmyryň bu aýdanlarynyň logiki tarapdan ýalňyşdygyny subut edeýin. Bagşynyň Magtymgulynyň şol aýdylan bir şygry bilýändigini agzalan görnüşde oturanlaryň ynanmagyna çenli geçýän wagt näçe gysgatsaňam, 3-4 minutdan az bolmaz. Gurt Ýakubyň Magtymgulynyň neşirlerindäki 300 şygry (Aslynda Pyragynyň neşir edilen şygyrlary 700 şygyrdanam köp. Oraz

Ýagmyryň maglumatyndan çen tutsaň, bagşy şahyryň 700 gowurak şygryny aýdym edip aýdan bolmaly. D.Ý.) agzalan tertipde aýtmagy üçin, azyndan müň minut gerek. Müň minudyň 16 sagat 40 minutdygyna okyjylarymyz düşünýändir. .Bir märekede şonça wagt oturmaga bagşynyňam, ýekeje adamyňam mümkinçiliginiň bolmandygyny düşündirip oturmagyň hajaty ýok bolsa gerek. Munuňam üstesine, özüni sylaýan bagşy başlan aýdymyny gutarman-üzüp, ikinji bir aýdyma geçenok. Islendik bagşy beýle synag edilen bolsa, 2-3 gün sarp edilip, ýazgy edilerdi. Ýok, Gurt Ýakup çaksyz ussat bagşy. Ýöne ol Magtymgulynyň şygyrlaryny aýdym edip aýdyp ussat bolmady. Onuň kyrk dessan bilýändiklerini aýdýarlar. Gurt Ýakubyň bilen dessanlary, aýdan aýdymlary bir adamyň däl, on adamyň ömrüne ýük. Hakykatdanam, bu ussat bagşynyň aýdan aýdymlary, dessanlary halk arasynda bar. Gurt Ýakubyň Magtymgulynyň şygyrlaryna aýdan aýdymlary ýok diýjek däl, emma kän däldir. Kakamyň doganoglan agasy Muhammet Rejep ussat bagşylar Orazgeldi Ylýas, Gurt Ýakup bilen saçakly gatnaşan adam. Mäneli Meretmuhammet aga, Tejenli Kuly aga-da Gurt Ýakup bilen saçakly gatnaşypdyr. Il içinde hortmatlanan üç ýaşulam Gurt Ýakubyň bagşyçylyk ussatlygy barada şeýle diýipdiler: “Gurt Ýakup dessançy, çaksyz ussat bagşy. Ol, esasanam, “Myraly hem Soltansöýün”, “Ýusup-Ahmet” ýaly dessanlary köp aýdardy. Magtymgulydan aýdym aýtmagy gaty agyr göredi. Ýöne aýdardy. Şonuň üçin käwagt bolaýmasa, bu ussada Magymgulydan aýdym aýt diýmezdik”. Gurt Ýakup: “Magtymguly ägirtden aýdym aýtjak bolsaň, meýlisden daş bolmaly. Niýetiňi-bedeniňi arassalap aýtmaly” diýer ekeni. Gurt Ýakubyň ussat dessançy bagşydygy subut edilen hakykat. Emma Oraz Ýagmyryň “Bu ussat Magtymgulynyň hemme şygyrlaryny aýdym edip aýtdy” diýip beren maglumaty onuň öz hyýaly gözöňüne getirmelerinden başga zat däl. Şonuň üçin Oraz Ýagmyryň Magtymguly barada aýdýan islendik pikirleri owadan sözler bilen bezelenem bolsa, aňyrsynda jinnek ýalam hakykat ýok (Merhum ýazyjynyň şu mesele boýunça mundan artyk kemçiliklerini aýtmak islämok. Ýokarda hem aýdyşym ýaly Oraz Ýagmyryň Magtymguly baradaky owadan sözli ýalan-ýaşryklary barada jikme-jik onuň özüne has berk aýdypdym. D.Ý.). Oraz Ýagmyryň Magtymguly hakyndaky pikirlerine ähmiýet bermegimiň sebäbi Atajan Tagana olaryň şahyryň şygyrlary barada dogry maslahat berip bilmejekdigini nygtamak isledim.

Atajan Tagan bu makalasynda alymlaryň nusgawy şahyrlarymyzyň ýarlary hakyndaky meseläni gözgap, onuň şahyrlaryň tas hemmesiniň öz söýen gyzyny alyp bilmändir diýen pikire tankydy bilen belli bir derejede ylalaşýaryn. Ýöne şol döwürde ýazyjylaryňam çeper edebiýatda hakykaty ýazyp bilmändigini aýtmagymyz gerek. Bu tema aýratyn söhbet edilmelidigi üçin, sözümi uzaldyp oturmaýyn. Şahyryň “Aýryldym” goşgusyndaky “Ýara ýaraşar sürmeçe” diýen setiri “Ýara ýaraşar üç müçe” diýip ýalňyş ýazylandygy üçin, nädogry çaklamalar edildi. Atajan Taganyň “Magtymguly Meňlini alypdyr” diýen pikiri bilen doly ylaşýaryn. Pyragynyň başdaş aýaly Meňlidir. Magtymguly başdaş aýaly Meňliden diri aýrylypdyr. Bu hakda hem aýratyn söhbet ederis.
Atajan Taganyň bu makalasynda jogap beräýmeli pikirlerine jogap berdim hasap edýärin. Indi ussat ýazyjynyň alymlara beren sekiz sowalyna jogap bereýin: Birinji sowal: Gylyç Müllüýew Magtymgulynyňky diýýän goşgularyny nireden ýat tutupdyr?

Dünýäniň gündogarşynas alymlary geçen asyryň başlarynda Magtymgulynyň azyndan 10-12 müň şygry özünde jemleýän ( azyndan 200 müň setir D.Ý.) Külliýatynyň bolandygyny biragyzdan tassyklaýarlar. Ol Külliýaty belli-belli baýlar göçürip alyp öýünde saklapdyr. Hatda Magtymgulynyň Külliýatynyň 1930-njy ýyllaryň başyna çenli bolandygy hakynda halk içinde anyk maglumatlar bar. Men olar hakynda öň ýazypdym. Olary gaýtalap oturmaýyn. Umuman, Gylyç Mülliniň Magtymgulynyň şygyrlaryny ýat tutmagyna uly mümkinçilik bolupdyr.

Ikinji sowal: ”Golýazma ýitdi, tapyldy, ýene ýitdi” diýýän adamynyň sözüne,şol golýazmanyň aslynda beri bolandygyna siz ynanýarsyňyzmy?

Hormatly ýazyjy, 1946, hatda siziň ýazan 1948-nji ýylyňyzyň haýsy zamandygyny bilýäňizmi?! Staliniň zamany. 1930-njy ýyllarda türkmeniň medeni mirasynyň iň gowy hazynalary, şol sanda Magtymgulynyň Külliýaty ýok edildi. Niçeme adamlar munuň üçin jeza höküm edildi. Gylyç Mülliniň her gezek bir görkezme

bermegi şol zaman üçin geň däl. Magtymgulynyň tabşyrylan şygyrlarynyň çeperçiligi şol şygyrlaryň Magtymgulynyňkydygyna kepil geçýär. Gylyç Mülli mümkin bolan derejede özüni goramak üçin dürli görkezmeleri beripdir. Siz “Kötek güýçli bolsa ýüň gazyk ýere gider” diýip eşitmänmidiňiz?! Magtymgulynyň diňe bir golýazmasy däl. Onuň iki puta barabar Külliýat eseriniň bolandygyna goja taryh gözli şaýat.

Üçünji sowal: On iki müň setirdenem gowrak kişi goşgusyny (Diňe “Maru-Şahu-Jahan” poemanyň özi 80 sahypa töweregi) original ýok halatynda ýat tutmak mümkinmi?

Ilki bilen Gylyç Mülliniň 214 şygry “Maru-Şahu-Jahan” poemasy bilen alanyňda, setir sany alty müňden sähel gowurakdyr. Siziň aýdyşyňyz ýaly, on iki müň setirden gowrak däl. Magtymgulynyň original Külliýat eseriniň bolandygyny anyk bilýäris. Gurt Ýakup kyrk dessany ýatdan bilýän ekeni. Gylyç Mülliniň tabşyran şygyrlaryndan bu bagşynyň bilýäni möçber taýdan azyndan on bäş esse uly.

Dördünji-bäşinji sowal meňzeşdigi üçin, olary bile alýaryn: 5. Şol ýitirilip, tapylyp,ýene ýitirlip ýörülen golýazmany G.Mülliýewiň özünden Başga gören adam barmy? 6. Buharadanmy, Hywadanmy tapylan golýazma ýa-da kitap, eger ol kitap bolsa,ýeke-täk nusgada çap edildimikä?

Gündogarşynas alym I.Belaýew 1904-nji ýylda “Gyzykly golýazma” atly gysgajyk makakasyny Daşkentde çykýan “Turkestanskiýe wedomosti” atly gazetde çap etdirýär. Awtor bu makalasynda: “Zakaspi oblastynda Garrygalanyň töwereginde ýaşaýan türkmenleriň arasynda meşhur şahyr Magtymgulynyň ullakan golýazmasy saklanýar. Bu gyzykly edebi ýadygärlikde türkmen halk poeziýasynyň örän täsin nusgasyna gabat gelinýär” diýip ýazypdyr. Awtoryň ýazmagyna görä, şol golýazma göçürilip almak üçin her ýyl Aşgabatda geçirilýän halk sudlarynyň gurultaýyna getirilýän eken. Bu golýazmanyň soňky ykbaly belli däl. Magtymgulynyň külliýatynyň (bir şahyryň bir kitaba jemlenip ýazylan eserine şahyryň külliýaty diýilýär.) bolandygyny A.

Samoýlowiç “Magtymgulynyň aýdymlarynyň görkezgiji” atly işinde tassyklap, şeýle ýazýar: “Zakaspiý oblastynda Magtymgulynyň külliýatyny kän gözledim, netije bermedi. Ýöne 1906-njy ýylda Merwde bir molla maňa Mäne obasynda birine degişli şahyryň külliýatyny öz eli bilen göçürip alandygyny habar berdi hem Magtymgulynyň şol göçüren külliýatyny ärsary bir molla okamaga berendigini aýtdy” (Zapiski wostoçnogo otdeleniýa Imperatorskogo russkogo arheologiçeskogo obşşestwo. T. 19, wyp. 4. Spb. Sah. 9-11.). Görnüşi ýaly, A. N. Samoýlowiç Mäne obasynda Pyragynyň külliýatynyň bolandygyny tassyklapdyr. Dünýä ýüzünde iki sany gündogarşynas rus alymy ( diňe mysal alanymyz iki, aslynda Krymskiý we beýleki gündogarşynaslaram tassyklaýar) 110-120 ýyl mundan öň milli şahyrymyz Magtymgulynyň dört adamyň göteren külliýatynyň-poeziýa toplumynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Professor Nazar Gullaýewiň, Kakajan Ataýewiň we beýleki käbir halypa alymlarymyzyň rus gündogarşynas alymlaryna salgylanyp tassyklamagyna görä, geçen asyryň birinji onýyllygynda şahyryň dört adam bolup göterilen külliýatynyň her şygry dört-bäş bentden hasaplanyňda hem, azyndan on müň şygyrdan az däldigi aýdylýar. Beýik akyldarymyz Magtymgulynyň häzire çenli çap edilen ähli döredijiligi 700 töweregi goşgy bolup, takmyn, 15 müň setire barabardyr. Gynansagam, bagşylar ürç edip aýtsa-da, şahyryň 30 golaý, şol sanda “Menden eliňi çek dünýä” şygry heniz hiç bir ýerde neşir edilmändir. Şahyryň neşir edilmedik şygryny goşanyňda hem, Magtymgulynyň ylym dünýäsine belli bolan şygyrlary 730-dan geçmeýär. Geliň, indi anyk hasap çykaralyň. Rus gündogarşynas alymllaň anyk ýazmagyna görä, geçen asyryň birinji onýyllygynda Magtymgulynyň külliýatynda azyndan on müň goşgy bolup, edil häzir onuň sany 730-da ýetmeýän bolsa, beýik akyldaryň azyndan 93% golaý döredijiliginiň häzir biziň elimizde ýokdugyny görkezýär. Hormatly Atajan Tagan meniň şu anyk fakta esaslanýan maglumatlarymy üns bilen okamagyňyzy haýyş edýärin. Gündogarşynas alymlaryň Magtymgulynyň Külliýaty bar diýip şaýatlyk eden, şahyryň azyndan on müňden gowurak şygryny özüne jemleýän eserler toplumy nirede?! Gylyç Mülliniň kakasynyň-

pederleriniň sowatly adamlar bolup, olaryň öýünde Magtymgulynyň golýazmalarynyň bolandygyna hiç bir şübhämiz ýok. Ol golýazmalar 1930-njy ýyllarda ýok edilipdir diýip ynam bilen aýdyp bileris. Hatda Gylyç Müllüniňem golýazmalary görmän, kakasynyň Magtymgulynyň golýazmalardan göçürip alan ýazgysyndan ýat tutan bolmagy mümkin.

Altynjy sowal: Petr Skosyrýewiň ýazmagyna görä, agzalýan golýazma Mülliýewlere rewolýusiýadanam öň düşüpdir. Otuzynjy ýyllarda bolsa, Magtymgulynyň (beýleki şahyrlaryňam) bar bolaýmagy mümkin goşgulary ürç edilip ýygnalýardy. Maşgalalardan tapylyp alnan golýazmalar,degerli kitaplar üçin resmi ýagdaýda pul hem tölenýärdi. Mülliýewlere düşen golýazma, hakykatdanam, bolan bolsa, näme sebäbe tä 1948-nji ýyla çenli onuň üsti açylmandyr, ýygnaýjylaryň eline düşmändir? Öz döwrüniň örän sowatly,düşünjeli adamy bolan Mülli işan öýünde Magtymgulynyň golýazmasy saklansa, ony halkdan, döwletden gizlärmidi? 1910-15-nji ýyllarda tapylan golýazma barada näme üçin hiç kim eşitmeli, bilmeli däl?

Hormatly Atajan Tagan, siz 1937-38-nji ýyllarda SSSR-de repressiýa bolandygyny bir bilýärsiňizmi?! Şol ýyllarda “Maşgalalardan tapylyp alnan golýazmalar, degerli kitaplar üçin resmi ýagdaýda pul hem tölenýärdi” diýen sözleriňiz, sypaýçylyk bilen aýdanyňda-da gaty gelşiksiz. Türkmeniň ýakyn taryhyny bilmeýändigiňiziň anyk subutnamasy. 1927-28-nji ýyllardan tä 1934-35-nji ýyllara çenli SSSR-de ýaşaýan halklaryň edebi, medeni mirasyny ýok etmek üçin uly işler alnyp barlypdyr. Gurban Kulyýewiň 1932-nji ýylda “Magtymguly söwda buržuaziýasynyň ideology” diýen kitaby neşir edilýär. Hormatly ýazyjy bu kitaby bilmeýän bolsaň, kitaphanalarda bu kitap bar. Magtymgulynyň döredijiligine garşy göreş agzalan ýyllarda başlapdyr. Çuwal bagşy Magtymgulynyň şygyrlaryndan galan ömrüne aýdym aýtmaz ýaly edildi. 1930-njy ýyllaryň birinji ýarymynda diňe Magtymgulynyň kitaplary däl, nugawy şahyrlaryň eserleri gadymy golýazmalar ýok edildi, adamlar olardan dynjak bolup gömdüler. Garaz, geçen asyryň 30-njy

ýyllarynda türkmeniň edebi, medeni mirasy talaňçylyga düşdi. Şol ýyllarda halkyň gözi gorkuzyldy. Siziň bu zatlardan habarsyz bolup, “şol ýyllarda golýazmalar, kitaplar üçin pul tölenýärdi” diýmegiňiz gaty geň. Gündogarşynas alymlar geçen asyryň 15-nji ýylyna çenli Magtymgulynyň Külliýatynyň bardygyny tassykladylar. Men sizden soraýyn: Hany, şahyryň şol eserler toplumy?! Gylyç Mülli şol şygyrlaryň bir bölegini ýat tutup halka ýetirdi. Munuň üçin biz oňa minnetdar bolmaly. Onuň dürli görkezmeler bermegi şol döwrüň kanunalaýyklygy. Hormatly ýazyjy, geçen asyryň 30-njy ýyllarynda “golýazmalara, kitaplara pul tölendi” fiýýän zamanyňda türkmeniň medeni mirasy tas ýoga çykarylypdy. Zat näme, adamlaryň müňlerçesi öz-özüne garşy aýylganç görkezme berip, adamlaryň boýnuna dakylan “günäsi” boýnuna goýlup ýok edildi. Gaýrat ediň, taryhy bir bileweriň!!

Ýedinji sowal: Eger-de, ol goşgular hakykatdan-da aýatda bolan bolsa, Garrygaladaky, Gerkezdäki,Türkmensähradaky Magtymgula has ýakyn adamlaryň birden-biriniň gulagyna ilmän, Maryda ýaşaýan G.Mülliýewe baryp ýetäýmelimişmi?

Hormatly Atajan Tagan, muňa durmuş diýýärler. XI asyrda ýaşan, Türküstanda ýazylan Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan-e lugat et türk” diýen meşhur sözlügi XX asyrda Türkiýäniň bazarynda bir garyp enäniň elinden tötänleýin satyn alynýar. Gylyç Mülli, onuň pederleri Pyragynyň ölmez-ýitmez eserleriniň bir böleginiň ýitmezligine sebäp boldular. Onda siziň logikaňyz boýunça her ýazylan zat öz ýazylan ýerinden çykmalymy?! Bu ýöntem pikirden el çekmek gerek.

Sekizinji sowal: Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmekde beýleki alymlardan has belentde durýan (Şahyryň goşgularyny rus diline sözme-söz terjime edişine, ylmy taýdan düşündiriş ýazyşyna haýran bolan Arseniý Tarkowgskiý oňa “Magtymgulynyň eserlerine tüýs mynasyp alym” diýýärdi.) Zylyha Bakyýewna Muhammedowa näme sebäbe tapylan goşgulary Magtymgulynyňky diýip kabul etmändir?
Hormatly ýazyjy, ilki bilen bu sowaly Zylyha Bakyýewna

Muhammedowanyň özüne bermeli ekeniňiz. Siziň bu sowalyňyza giňişleýin jogap bereýin. Zylyha Muhammedowa dilçi alym, şahyryň eserlerini rus diline terjime etmekde hem köp işler bitiren şahsyýet. Men bu zenan alymyň ykrar edilen alymdygyny tassyklap biljek. Emma ol Magtymgulyşynas alym däl. Zylyha Muhammedowanyň türkmen ylmyny ösdürmek üçin eden hyzmatlaryny bilýärin. Emma ylymda türkmen dilini bilmeýändigini boýun alan Zylyha Muhammedowa döredijiligi ylma ýugrulan Magtymgulynyň eserleriniň onuňkydygyny ýa däldigini nähili ýagdaýda bilýärkä?! Şu mesele boýunça 1961-nji ýylda Berdi Kerbabaýewiň ýolbaşçylygyndaky geçirilen ýygnakda Zylyha Muhammedowa "Türkmençe bilmän, nädip Magtymgulynyň eserleriniň onuňkydygyny ýa däldigini kesgitläp bilýäň" diýen sowaly berenlerinde ol: "Magtymgula düşünmek kyn däl, Onsoňam men şahyryň şygyrlarynyň türkmençesini rusçasy bilen deňeşdirip öwrenäýän. Ýygnagyň meselesi Magtymgulynyň şygyrlaryny meniň bilşim hakynda däl" diýip aýtmagy gaty geň hem başdansowma jogap diýilse, köpler ylalaşsa gerek. Magtymgulynyň şygyrlaryna şübhe bildirmegiň öňbaşçylary bolan Sapar Ahallam, Aşyrpur Meredowam gürrüňsiz ylymly alymdy, ýöne bu iki alymda türkmene mahsus milli duýgy ýokdy. Şol sebäpli professor Nazar Gullaýew Aşyrpur Meredowyň işlerini mydama tankyt ederdi. Zylyha Muhammedowanyň hem Sapar Ahallynyň är-aýaldygynam aýtmak gerek.

Gylyç Müllüniň Magtymgulynyňky diýip tabşyran şygyrlarynyň, aýratynam "Türkmeniň" eseriniň örän kämildigini anyk subutnamalar bilen akademikler Berdi Kerbabaýew, Aman Kekilow, Baýmuhammet Garryýew, professorlar Mäti Kösäýew, Nazar Gullaýew, ussat ýazyjy-şahyrlar Gara Seýitliýew, Beki Seýtäkow, Hydyr Derýaýew, Gylyç Kulyýew, Gurbandurdy Gurbansähedow, Berdinazar Hudaýnazarow ýaly onlarça tanymal alymlardyr döredijilik işgärleri metbugatda çykyş edipdiler, şol mesele boýunça geçirilen ýygnakda pikirlerini aýdypdylar. Emma Magtymgulynyň şygyrlaryna şühbe bildiren üç alymyň, olara goşulan käbir döredijilik işgärleriniň, mekdep mugallymlarynyň, şol sanda siziň şu gürrüňini edýän makalamyzy goşanyňda hem, şu çaka çenli jemi ýazan makalalarynyň sany 20

gowurak bolup, şahyryň şygyrlaryny şühbe astyna aljak ygtybarly ýeke delilem getirip bilmändirler, bilmediňiz. Zylyha Muhammedowanyň Magtymgulyny terjime etmekde uly işler edendigini, emma bu alymyň Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde esassyz şübhe etmekden başga ylmy iş edendigini biz-ä bilemzok. Siz nählili pikirde bolsaňyzam, ol ylymda Magtymgulyşynas alym diýlen adyň "m" harpyna-da eýe däl.

Hormatly Atajan Tagan, sizi ussat ýazyjy hökmünde ykrar edip, aşa sylaýandygym üçin öň makalalarymda ýazanam bolsam, Gylyç Mülliniň tabşyran 214 şygrynyň Magtymgulynyň ýazandygyny delillendirýän, inkär edip bolmajak fakty şu makalamyň soňunda bermegi makul bildim. Şu mesele boýunça 1961-nji ýylda Berdi Kerbabaýewiň ýolbaşçylygyndaky geçirilen ýygnakda ussat halypa bagşymyz Sahy Jepbarow gatnaşyp, çykyşynda şeýle diýipdir: "Adamlar, men ol şygyrlar barada ylmy çykyş edip biljek däl. Ýöne, biz bagşylar "Ýaranlar", "Dogrusy", Bu gün", Ýaryň ýagşysyn", "Mert bolmaz" … ýaly onlarça aýdymlary Gülyç Müllüniň golýazmasyndan öwrenip aýdamzok. Ol aýdymlary halypalaram, olardan öwrenip bizem Gylyç Müllüniň golýazma tabşyrmagyndan has ir aýdýardyk".

Professor Nazar Gullaýewiň aýtmagyna görä, bu maslahat örän çekeleşikli geçipdir. Maslahatyň soňunda köpçüligiň goldamagy esasynda (3 adamyň garşy 20 adamyň goldamagynda) şol şygyrlary Magtymgulynyňky diýip ykrar etmeli diýlen karara gelnipdir. Ýöne bu maslahatyň ses ýazgysy ýitirim edilipdir, protokoly bolsa Magtymgulynyň şygyrlaryna şühbe bildirýänleriň haýryna ýumşadylypdyr, üýtgedilipdir. Sahy Jepbar halypanyň şol maslahata gatnaşandygy asla görkezilmändir. Edil häzirki döwürde (2008-nji ýyl) şol maslahatyň protokolynyň bardygy hem belli däl.

1961-nji ýylda geçirilen maslahatyň ses ýazgysynyň ýitirim edilmegi böwrüňi diňledýär. Şol zaman ýurdumyz Kommunistik partiýanyň demir penjesi bilen dolandyrylýardy. Partiýa emeldarlarynyň rugsady bolmasa, Magtymgulynyň "şühbeli şygyrlary" diýilýän pikiri kül-peýkin edip, 214 şygryň Magtymgulynyňkydygyny subut edýän alymlaryň, aýratynam ussat Sahy Jepbaryň sesi ýazylan kassetany ýitirip gör, gözüňi

nireden açarlar?!
Hormatly Atajan Tagan, Magtymgulynyň şygyrlaryna şübhe bildirmek Kommunistik partiýanyň karam oýny boldy diýmäge doly esas bar. Ýok, men sizi ol oýna goşulan hasap edemok. Ýöne siziň Magtymgulynyň şygyrlaryna şübhe bildirip getiren delilleriňiz gybat derejedenem aşakdaky ýalanlardan ybarat. Siziň ussat ýazyjydygyňyzy ykrar etsemem, Magtymgulynyň şygyrlaryna eden esassyz şübheleriňiziň hem geň-taň pikirleriňiziň ne ylym, ne hakykat bilen baglanyşygynyň ýokdugy we siziň alymlara sowal bilen ýüz tutandygyňyz sebäpli, maklaňyza ylmy esasda jogap berdim.

- **Sözsoňy ýerine:**

Magtymgulynyň kämil şygyrlaryna esassyz bildirilýän şübhelere ylmy esasda j ýazylan birnäçe makalalarym bilen jogap berdim. Okyjylardan kim şu mesele bilen gyzyklanýan bolsa, şu çaka çenli ýazan makalalarymy okamagy maslahat berýärin. Gündogaryň beýik akyldary Magtymgulynyň şygyrlary bilen ruhlanan pederlerimiz watany söýmegiň, durmuşda ruhy sagdyn ýaşamagyň beýik mekdebini döretdiler. Şonuň üçin Magtymgulynyň döredijiligi pederlerimiziň dagynyk ýaşan zamanynda türkmeniň kalp owazy bolup ýaňlandy. Şeýlelikde, Magtymgulynyň poeziýasy türkmeniň kalbydyr. Türkmen kalybymyň päk, bitewüdigine bolsa şübhe etmeli däldiris, adamlar!!!

Hormat bilen Döwletmyrat ÝAZKULYÝEW. Magtymgulyny öwreniş